# Bulutjyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bulutjyk BULUTJYK

Altyn ýapraklary tozan büredi,
Tozan gülleriň-de halyn teň etdi.
Bilbiller güllere tukat garady,
Kemsidilen ýaly gamgyn heň etdi.

Bilbilleriň zaryn sazyn eşden dek
Bir topbajyk bulut süýşdi-de geldi.
Bulutdan nur ýagdy, bolan işe bak,
Ýapraklaň, gülleriň kiri ýuwuldy.

Bilbiller päkize bagy gördi-de,
Saýrady şadyýan nagmasyn çaldy,
Bulut özgelere şatlyk berdi-de,
Öz-özün horlady, ýukalyp galdy.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular